***Türkmenistan Gazagystan bilen sebit we ähli umumy howpsuzlygy pugtalandyrmak meselelerinde, dürli ykdysady ugurlarda işjeň gatnaşyk edýär. Iri halkara guramalaryň çäklerinde hyzmatdaşlygyň we bilelikdäki çäreleri utgaşdyrmagyň derejesi ýokarydyr. Hususan-da, Birleşen Milletler Guramasy, Şanhaý Hyzmatdaşlyk Guramasy, Ýewraziýa Ykdysady Bileleşigi, Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygy, Ykdysady Hyzmatdaşlyk Guramasy ýaly halkara düzümlerde hyzmatdaşlygy giňeltmäge aýratyn üns berilýär.***

Gazagystan Hazar deňzinde-de Türkmenistanyň goňşusydyr. Şunda söwda-ykdysady we medeni-ynsanperwer gatnaşyklar yzygiderli ösdürilýär. Ýurtlarymyzyň ikitaraplaýyn hem-de köptaraplaýyn görnüşdäki hyzmatdaşlygy Hazary parahatçylygyň, ylalaşygyň we özara bähbitli hyzmatdaşlygyň giňişligine öwürmegiň möhüm ýagdaýydyr. Ýurtlarymyzyň arasynda üstaşyr ulag ulgamynda ýakyndan hyzmatdaşlyk edilýär. Bu babatda hereket edýän Gazagystan — Türkmenistan — Eýran demir ýoly uly mümkinçilikleri döredýär. Ol Pars aýlagynyň ýurtlaryna iň gysga ýoly üpjün edýär.

Häzirki wagtda Hytaý — Gazagystan — Türkmenistan we ondan aňry Pars aýlagyna demir ýol, multimodal, ulag gatnawlaryny işjeňleşdirmek, bu ugur boýunça daşalýan ýükleriň mukdaryny artdyrmak üçin hytaý tarapy bilen işler alnyp barylýar. Bu ugurda hyzmatdaşlygy giňeltmek üçin hukuk binýady taýýarlanylýar. Hazar deňzinde Gazagystanyň hem-de Türkmenistanyň deňiz menzilleriniň kuwwatlyklary, şeýle hem Türkmenbaşy — Garabogaz — Gazagystanyň serhedi aralygyndaky awtoulag ýoly örän uly mümkinçilige eýedir.

Ýeri gelende aýtsak, ýakynda hormatly Prezidentimiziň gatnaşmagynda Türkmenbaşy — Garabogaz — Gazagystan serhedine çenli barýan awtomobil ýolunyň düýbi tutulyp, ol Türkmenistanyň, Russiýanyň, Gazagystanyň, Eýranyň, Hindistanyň ýük daşaýjylaryna deňiz, awtomobil, demir ýol ulaglary arkaly Demirgazyk we Günbatar Ýewropa ýurtlaryna gysga ugur boýunça çykmaga amatly şertleri döreder. Hazardaky Aktau, Kuryk we Türkmenbaşy deňiz menzilleriniň arasynda logistik hyzmatdaşlyk boýunça hem giň mümkinçilikler bar.

Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň şu gezekki döwlet sapary köpugurly ykdysady hyzmatdaşlyga hil taýdan täze itergi bermäge ýardam eder. Ýokary derejeli türkmen-gazak gepleşikleriniň geçirilmegi, onuň jemleri boýunça ikitaraplaýyn resminamalara gol çekilmegi döwletara gatnaşyklarda möhüm sahypany alamatlandyrýar.

**Merjen ORAZOWA,**
**Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň Halkara žurnalistikasy fakultetiniň 3-nji ýyl talyby.**

Все права защищены